# Talyplyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Talyplyk TALYPLYK

Saňa ömrüň altyn çagy diýýärler,
Ýa ömrüň bahary diýýärler saňa.
Neneň, niçik baha berýän bolsalar,
Ýok, menem hiç haçan garşy däl şoňa.

Dogry, çaglaň ajabysyň,
Sözüm ýok,
Gujagyňam bahar ýaly ýakymly.
Bilýäňmi, men başgaçarak görýärin,
Ömre berýän ajabyňy, ýakymňy.

Eger sende bar bolsa bir ajaplyk,
Ol seniň kitapdan doly dünýäňdir.
Sende şol dünýäniň barlygy üçin
Bütin ömür saňa başyn egýändir.

Eger seniň bir ýakymyň bar bolsa,
Ol ýakym Öwrenmek atly serpaýdyr.
Şol serpaýy rowa göreniň üçin,
Ömür saňa baky sagbolsun aýdar.

Bir mahal ýaşlygam düýnlere siňer,
Özem ol hoşlaşman aýrylar menden.
Men şonda ýaşlygyň ýelin küýsesem,
Sen öwşün atarsyň ýyllaň içinden.

Altyn döwür aladasyz döwür däl,
Seňem aladalaň özüňe ýetik.
Daglar ýaly aladalaň içinden
Galmak isleýärsiň bir zatlar tutup.

Tutjak zadyň, gazanjagyň ylymdyr,
Ýöne şu gazanjyň ömrüme ýeter.

Berip bilýän bolsaň ömürlik serpaý,
Altyn çag bolarmy mundanam beter?! Goşgular